**OZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYN YoKARY WE YORITE ORTA BILIM MINISTRLIGI**

**BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DOWLET UNIWERSITETI**

**GARAGALPAK FILOLOGIYaSY FAKUL`TETI**

**5120100 – filologiya we dilleri okatmak (turkmen filologiyasy) bakalawr ýönelişiniň 3-kurs talyby Murzaewa Zulhumaryň «Gündogar romantizminiň Mollanepesiň döredižiliginde şöxlelenişi» mowzugyndaky**

**Kurs IŞI**

**NOKUS- 2014**

# Mowzuk. Gündogar romantizminiň Mollanepesiň döredižiliginde şöxlelenişi.

## Meyilnama

**Giriş**

**I BAP Gundogar edebiyatynda romantiki dapler we Mollanepes**

**1. Orta asyr romantizminde şaxyrana pikir.**

**2.Milli romantizmiň başlangyžy we özboluşly taraplary.**

**II BAP Romantiki lirikada xasit problemasy we Mollanepesde millilik.**

1. **Soygi- romantizmiň ýüze çykmasy xökmünde.**
2. **Ideal gaxrymanyň sotsial we sufistik xäsieti.**

**Netiže**

**Peýdalanylan edebiýatlaryň sanawy.**

## GIRIŞ

Türkmen klassyk edebiýatynyň ägirt wekilleriniň biri Mollanepesiň edebi mirasyny gaytadan duypli owrenmek garaşsyz döwrümiziň edebiýat ylmynyň täze talaplaryna layyk gelyar.

Edebiýat ylmymyzda klassyk şaxyrlarymyzyň poeziýasyny aýry-ayry temalara bölüp öwrenmek däbe öwrüldi. Şonuň üçinem klassyk şaxyrlaryň döredižiligi barasynda ýazylan ylmy işleri okanyňda olaryň xemmesinde şol bir zatlar gaytalanyan yalydyr.

Görnükli şaxyr xem alym Aman Kekilow altmyşynžy ýyllarda, ylmy derňewiň syýasy galyplar bilen örüsiniň daraldylýan döwründe Mollanepesiň döredižiligini çuň analizläp, uly söz ussady baradaky işini sözüň doly manysynda mynasyp dereżesine etirmegi başarypdy.

Bu uly alymdan soň şaxyr xakynda söz aýtmak belli bir dereżede kyn-da bolsa, xäzirki döwürde onuň edebi mirasyna ylmy derňewiň täze usullary bilen çemeleşmäge wagtyň etendigini aýtmalydyrys. Bu bolsa, döwrüň edebiýat ylmynyň öňünde goýan talaby we zerurlygydyr. Şaxyryň edebi protsesdäki ornuny, döredižiliginiň aýratynlygyny kesgitlemek- şol stil` aýratynlygynyň kemala gelmegine ob`ektiw we sub`ektiw şertleri aýdyňlaşdyrmak, onuň şygyr`etiniň söýgi ýaly inçe duýgy bilen iş salyşýan liriki gaxrymanyň xäsietli aýratynlygyny ýüze çykarmak Mollanepesi öwrenmegiň täze etapynyň esasy wezipeleridir. Şaxyryň döredižiligine özboluşly taglymat xökmünde garap, onuň şygyr`etni derňän maxalymyzda şygyr çeperçiligini şaxyrana dünýägaraýyş bilen utgaşdyryp öwrenmek usulyndan ugur aldyk.

Mollanepesiň döredižiligini ýörite ylmy işiň obekti xökmünde öwrenen alym A.Kekilow şaxyryň edebi mirasyna döwrüň talabyna görä çemeleşmeli boldy.

A.Kekilow şaxyryň edebi mirasyna realizmiň printsipleri bilen çemeleşipdir.[1] Bu bolsa ylmy derňewiň birtaraplaýyn alynyp barylmagyna getiripdir. Netižede şaxyryň romantiki dünýä synynyň ideýa çeperçilik gymmatynyň taryxy kökleriniň acylmazlygyna sebap bolupdyr.

[1] Кекилов А. Моллланепес, Ашгабат, 1957.

A.Kekilowyň Mollanepesiň döredižiligine bagyşlanan işinde romantizm barada gürrüň gozgalmaýar dien ýalydyr. Ol ylymy derňewi realizmiň talaplarynyň çäginde alyp barypdyr. Şonuň üçin biz ylymy derňewiň dowamynda ol ýa-da beyleki problema xakynda gürrüň edenimizde alymyň şaxyr xakdaky dünýäsini özüne goýap, meselä öz garaýşymyzy berdik.

Mollanepesiň doglan gününiň 150 ýyllyk ýabileýiniň bellenilip geçilen döwründe döwürleýin metbugatda edebiýatçy alymlar şaşyryň döredižilik mirasy barada makalalar bilen cykyş etdiler. Ol makalalaryň biziň problemamyz bilen baglylaryna işiň dowamynda analiz berildi. Gynansagam, olaryň köpüsi ylymy talabyň xötdesinden gelip bilmeýär. Şonuň üçin olaryň bölegine syn bermekden saklandyk. Galybyerse-de zexinli edebiyat tankytcysy S.Myradow «Dünki we şu günki edebiýatyň aladalary» ataly makalalar kitabynda erleşdirilen «Mollanepesden söz açylanda» dien makalasynda şaxyryň ýabileýi mynasabetli ýazylýan makalalarda ylymylylygyň kemlik edýändigini erlikli belläpdir we olaryň käbirleri dogrusynda ýörite durup, Mollanepesi täzeçe öwrenmegiň zerurdygyny nygtapdyr.[2]

S.Myradowyň žan ýandyrmalarynyň degenrlidigi üçin, onuň bilen ylalaşýarys. Ýöne ol Mollanepesiň lirikasyny gündogar edebiýaty bilen baglap öwrenmegiň gerekdigini nygtanda bolsa, bu babatda anyk pikirini aýdyp, ylymy derňewiň yollaryny salgy berenliginde makala xas-da žüpüne düşerdi. Xenize bu güne çenli edebiýaty öwreniş ylymymyz klassyk şaxyrlaryň edebi mirasynyň tankydy tekstini düzmegiň xötdesinden gelip bilmän gelýär. Bu ýagdaý ylymy derňewiň gidişinde kynçylyk döredýär. Mollanepesiň poeziýasynda derňew alynyp barylanda klasssyk edebiýatymyzyň tankydy tekstleriniň zererdygyny duýdyk we şaxyryň lirikasyna şu žäxetden başardygymyzdan seresap xem döredižilikli çemeleşdik. Ylmy derňewi öz ýanymyzdan we bu ugurdan spetsialistleriň maslaxatlaryny göz öňünde tutup, Mollanepesiň galamyna degişli xasap eden şygyrlarymyzda alyp bardyk. Işde şaxyryň çeperçilik dünýäsini, edebi stilini öwrenmek maksat edilendigi üçin tekstologiýa degişli meselelere agram salynmandy. Eger xer xalda bu babatda xem öz pikirlerimizi aýtmaly bolsak, Mollanepesiň 1955 ýylda çykan neşriniň 14

[2] Мырадов С. Дүнки ве шу гүнки эдебиятың аладалары. Ашгабат: Түркменстан 1980. 68-74 сах.

saxypasyndaky «Ýör biläni» we 1973 ýyldaky neşriň 123 saxypasyndaky «Pyragy» atly şygyrlary Mollanepesiň galamyna degişli xasaplamaýarys. Şeýle-de, Mollanepesiň döwründe Nepes atly ene bir şaxyryň ýaşandygy we onuň goşgularynyň Mollanepesiň adyna berilendigi baradaky rowaýat şekilli gürrüňe gol ýapýarys. Umuman, bu baradaky pikirimizi gelżekde Mollanepesiň poeziýasynda düýpli tekstologik barlagyň derwaýysdygyny nygtamak bilen çäklenýäris.

Iş ýazylanda esasan, W.G.Belinskiniň, E.E. Bertel`siň , U.O. Dżiwalidzäniň, N.I. Konrodyň, A.Xaýitmetowyň, N.A. Gulýaewiň, A.Kekilowyň, M.Annamuxammedowyň, A.Bekmuradowyň, B.Taganowyň we beýlekileriň edebi teoretiki pikirlerine daýanyldy. Mollanepesiň poeziýasynyň ideýa çeperçilik kökleri feodalçylyk edebiýatyň wekilleriniň şaxyrana dünýäsi bilen şaxyrana däp nukdaýnazaryndan degşirilip açyldy.

Işiň başynda orta asyr romantiki poeziýasy we ondaky däpler dogrusynda gürrüň edildi. Romantizmiň teoriýasyna daxylly meseleleriň üstünde duruldy. Gündogaryň Nyzamy, Nowayy, Fizuly, Rumy, Emir Xysrow, Dexlewi, Xafyz, Lutfy, Xakany, Ataýy, Sady, Xorezmi…. ýaly şaxyrlaryň edebi- teoretiki pikirleri, dünýägaraýyşlarynyň romantiki tarapy, şygyr çeperçiligi we şaxyrana estetiki ideyalary xakynda maglumat berildi.

Şeýle-de XVIII-XIX asyr edebi protsesimizdäki stil` öwrülşikleriniň taryxy sotsial şertleri anyklanyp bu xadysa Mollanepesiň gatnaşygy düşündirildi. Şaxyryň köňül tsikllli goşgularynyň ideýa tämizligi degşirilip ötüldi.

Gutardyş kesiplik işimizde şaxyryň söýgi lirikasynyň üstünde köpüräk durlyp gecildi. Sebabi Mollanepes Gundogar edebiyatynda soygi lirikasynyň ussady xökmünde tanalýar. Onuň döredižiliginiň agramly bölegini yşky liriki goşgular eeleýär. Şaxyryň lirikasyndaky söýgä romantizmiň ýüze çykmasy xökmünde baxa berildi. Ol edebi protsessiň öwrülişiginde dörän uly bir xadysadyr. Şaxyryň söýgi lirikasy temanyň çygyryndan gaty giň bolup, ol tutuş kontseptsiýadyr. Onuň bu xäsieti orta asyr Gündogar poeziýasynda söýginiň üsti bilen durmuş adalatsyzlyklaryny teswirlemek we ideal żemgyet utopiýasyny bermek däbi bilen şertlenendir.

Mollanepesiň döredižiliginde gyz obrazynyň simwoliki dereżä göterilmeginiň bir tarapy xem şunuň bilen baglydyr. Şaxyryň poeziýasynda äxli zat magşugyň gozelligine tabyn edilip gorkezilyar. Ol gozellik ynsany xapysalykdan xalas eder dien pikire uýapdyr. Işi; dowamynda Mollanepesiň lirikasyndaky magşugyň obrazy XIX asyr türkmen durmuşyndaky real gyz bilen düşündirilip, onuň romantiki xäsieti ýüze cykaryldy we delilendirildi.

Şaxyryň «Istäp ki gözel ýary» we «Diýdi: «Aýt arzyň, myxman» atly iki sany ażaýyp eseri edebiýatçy alymlaryň ünsüni özüne çekme kemini goýmandy. A.Kekilow, S.Durdyew, S.Garryew, A.Mülkamanow, T.Nepesow we başga-da birnäçe alymlar Mollanepesiň bu iki şygrynyň formasy we onuň döremeginde çeper täsir meselesi xakynda pikirlerini aýtdylar. Işde atlaryny agzan alymlarymyzyň garaýyşlaryna syn berildi, garşylyklaýyn pikir aýdyldy we mazmuny sowal żogapda açmak däbi xakynd gürrüň edilip, onuň ters yzy çalyndy. Bu däbiň orta asyrlarda dorap, liriki poeziya epiki poeziyadan gecendigi anyk mysallarda subut edildi we ylymy netiżelere gelindi. Şeýle-de Mollanepesiň döredižiligindäki Magtymgulyçylyk dabi xakynda xem duruldy.

Şaxyryň milli poeziýamyza getiren liriki sýażetleri şertli ýagdaýda toparlara bölünip öwrenildi. Çünki şygyrda liriki sýażet bolýar. Xut şunuň bilen baglanyşykly Mollanepesiň täzeçillik gözlegleri xakynda-da pikir yoredildi.

Mollanepesiň söýgi lirikasyndaky ideal gaxrymana sotsial xäsiet maxsusdyr. Şaxyryň poeziýasynda aşyk oglanyň, magşuk gyzyň ynżamasynda, gözýaşlarynyň secelenmeginde we ýürekleriniň elenmesinde döwür özüniň xakyky keşbini açýar. Liriki gaxrymanyň duýgularynyň zyżyrlanmagy galplaşan żemgyet bien şertlenýär we ondan ideallyga tarap badalga alýar. Şonuň üçin ol gaxryman sagdyn żemgyet islegine yaugrulandyr.

# I Bap. Gundogar edebiyatynda romantiki dapler we Mollanepes

Mollanepesiň edebi mirasyny orta asyr Gundogar poetikasyndan, gazalcylyk edebiýatyň ideýa çeperçilik däplerinden üzňe öwrenmek mümkin däl. Orta asyr edebiýatynň Ferdöwsi, Fizuly, Lutfy, Nowayy, Nyzamy, Rumy, Dexlewi, Atayy, Xakany, Sakkaky ýaly şaxyrlaryň döredižiligindäki şaxyrana däpler XIX asyr türkmen şaxyry Mollanepesin lirikasyna çundan ornapdyr. Şaxyryn poeziýasyndaky *dapler* orta asyr gazalçylyk edebiýatyndan gözbaşyny alyar. Mollanepes obrazy acmak tarlerinde-de, ideyalary obrazlar arkaly bezemekde-de, gozellige düşünişinde-de, durmuş syncylygynda-da, ideal agtaryşlar xem-de şygryň sýažet kompozitsiýasy babatynda-da edebiyatdaky umumy Gundogar daplerine arka direyar.

Orta asyrlarda Gundogar edebiýatynda edebi döredižilik stiliniň romantizmdigi ýörite işlerde takyklandy. Beýik rus tankytçysy W. G. Belinskiý romantizmi aşakdaky yaly kesgitlapdir: «Romantizm eke bir sungata, diňe bir poeziýa degişli däldir. Onuň çeşmesi sungatyň we poeziýanyň çeşmesi nirede bolsa, şol erdedir, durmuşdadyr. Durmuş bolsa adamyň bar erindedir. Nirede adam bar bolsa, şol erde xem romantizm bardyr. Romantizm özüniň dar we anyk manysynda adam ruxunyň, içki dunýäsi onuň ýüreginiň iň gizlin, mukaddes ýaşaýşydyr. Romantizmiň syrly we gizlin çeşmesi adamyň köňlündedir. Duýgy we soygi romantizmiň xereketi we ýüze çykyşydyr. Şonuň uçin xer bir adam romantikdir. Diňe özlerinden başgany söýüp bilmeýän, axlak yzagalakly ruxlaryndan simpatiýanyň we antipatiýanyň toxumlary mynžyradylan adamlar bu duýgydan boş bolup bilerler. Romantizm xakynda deslapky iň tebigy duşunže şudyr»[3].

Dörediżilikde, şygyr sungatynda romantizm aýratyn alnan bir döwrüň çeper aňydyr. Real durmuşdan çetleşmeklik, arzuwa, xyýala «gaçmak», köňüle, utopiýa berilmek romantizmiň baş alamatlarynyň biridir. Şeýlelikde, ol zexiniň reallyga bolan gatnaşygynda döreýän dunýägaraýşyň butewligidir. Dunýägaraýyş bolsa akyl etiriş kriteriýalary bilen şertlenendir. Bu elbetde, filosofiki kategoriyadyr. Gundogar filosofiyasynda bolsa ideallyk guycludir.

[3] Белинский В.Г. Собрание сочинений в 3 х томах М. Наука 1953. 127 сах.
Ситананың тержимеси Р.Режебовыңкы.

Gündogaryň edebi protsesini-edebiýatyny öwreniži alym E.S.Bertel`s romantizmiň bir şaxasy bolan sufizmi neoplogistizmiň yuze cykmagy xokmunde xäsetlendirip, onuň uly filosof Foma Akwinskä täsiriniň bolandygny «Sufizm we sufistik edebiyat» dien işinde belleýär. Elbetde, meseläniň bu tarapynyň maňzyna etmek, ylmy barlaglar gecirmek biziň wezipämize girmeýär. Ýöne Gündogar romantizminiň berk filosofiki kontseptsiýaly edebi stildigini nygtamak isledik. Bu bir. Ikinžiden, şu nukdaý nazardan çemeleşenimizde M. Annamuxammedow:«Romantizm utopiki filosofiýanyň poetiki stilidir» dien maxalynda oran mamladyr. Cunki Gundogar romantizminde iki xasietli liriki gaxryman bar. Birinžisi arzuwçyl utopiki gaxryman. Ikinžisi agras xem garanky taglymata baş goşan mistik gaxryman.

Zexinli edebiyatcy S.L.Kaganowiç taryxy çeşmelere salgylanyp, ilkinži gezek romantiki poeziýanyň araplarda ýa-da mawrlarda dorandigi xakynda maglumat berýär.Romantizm taryxy nazar`etden galplaşan feodal gurluşa garşy dörän edebi filosofiki akymdyr.Onuň ilkinži Watanynyň Gündogardygy ýörite işlerde barlandy we ylmy netiželere gelindi. Gündogaryň romantiki edebiýatynyň rus we Ewropa çeper edebiýatyna eden täsirini, ol xalklaryň edebiýatyny baýlaşdyrmakda uly äxmiete ee bolandygyny gormezlik mumkin dal.

S.L.Kaganowiç bu barada şeýle belläpdir: «Şeýlelikde, rus şaxyrlaryndan tas ýatdan çykarylan Rançodan başlap, beýik Puşkine çenli äxli şaxyrlar Gündogary we onuň edebi baýlyklaryny öz xalklarynyň edebiyatyny baýlaşdyržak ylxam çeşmesi xökmünde kabul edipdirler»[4]

Şeýle-de awtoryň Gunbatar romantizminiň ilkinži Watanynyň Gundogardygyny ylmy delillendirmegi ayratyn bellenmage mynasypdyr.

Edebiýaty öwreniş ylmynda romantizm we onuň durli meselelerini owrenmeklik dowam edyar. Ol ya-da beýleki babatda dürli garaýyşlar bar. Şolaryň biri-de ideal gaxrymanyň tipiki nasieti dogrusyndadyr. Cunki bu

[4] Каганович С.Л. Русский романтизм и восток. – Тошкент: Фан, 1984 27 сах.

mesele romantizmiň düýp mazmunyna aralaşmaga we onuň xäsietli taraplaryny aýdyňlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Edebiýatçy alym I. Wolkow W.Dneprowyň we başgalaryň pikrine garşy gidip, romantiki gaxrymanyň öz ýaşaýan sredasyna sygmayandygyna, dowam edyan galplaşan sotsial żemgyete garşy duryandygyna esaslanyp, ideal gaxrymana tipikligiň maxsusdygyny nygtayar.[5] Bu pikiriň soňra köpe ýarandygyny-da ýüzugra belläliň. Şonuň üçinem romantiki edebiýaty çuňdan öwrenen özbek alymy A. Xayitmetow bu xakdaky pikirleriň żemlenip öwrenilmegini maslaxat berýär . Görşümiz yaly, mesele aktual. Şonuň üçin umumy bäxbitden ugur alyp bu babatda öz garaýşymyzy aydyp gecmegi makul tapdyk.

Aslyetinde, bu meselede dürli garaýyşlaryň bolmagy, bizin pikirimizce, romantizmiň döremeginiň esasynda duryantaryxy- sotsial şertlerde dogry baş çykarmazlyk we onuň genesologiýasyna düşünmezlik bilen baglydyr. Romantizm xem, realizm zexiniň dünýägaraýşynda ornan, dörediżiliginde eeren çeper edebi usulydyr, stilidir. Olar xic wagt biri-birine garşy akym xokmunde cykmandy. Biri beylekisini inkar etmegi maksadam edinmandi. Olar biri-birine garaşly bolubam ýaşamandy. Bularyň ikisiniň xem öz göreşiş täri, ideýa-cepercilik baylygy, obraz dörediş aýratynlygy, garaz, iki stiliňem özlerine layyk edebi yoly-yodasy bar... Bu —iki edebi stili, birleşdirýän umumy zat—durmuş xem-de ondaky problemasy. Şu erde diňe bir romantizm xakynda aýtman, realizme xem agram salýarys. Munuň özüne etesi sebäbi bar. Xemmämiziň bilşimiz ýaly, tipiklik barasynda realizmde köp gürrüň edilyar. Munuň özi adalatlydyr. Sebäbi liriki gaxrymanyň tipik xäsieti realist zexinine maxsusdyr. Tersine, biziň aňlaýşymyza görä, romantik gaxryman durmuşa tipik daldir.

Türkmen klassyk edebiýatyndan Seýdiniň, Zeliliniň, Mätäżiniň xarby gaxrymancylyk xem-de durmuşy goşgularyndaky liriki gaxryman we Keminäniň özakymlaýyn realizme degişli poeziýasy munuň anyk mysalydyr. Realistik sungata berlen zexin öz gaxrymanlaryny döredýärkä, ilkinżi nobatda onuň durmuşda näxili ekenliginden ugur alýar. Bu stiliň gaxrymany realdyr. Olar awtor tarapyndan belli bir

---

[5] Хайитметов А. Шарк адабиётининг ижодий методи тарихидан, Тошкент: Фан, 1970. 12 сах.

dereżede umumylaşdyrylsa-da, zexiniň talabyna bütinleý boýan bolman, eýsem, realizmiň printsiplerinde ýaşaýan obrazlardyr. Xut şonuň üçin durmuşa tipikdir.

Romantizmde ýagdaý düýpden başgaça. Munda romantik talant feodal strukturaly żemgyet bilen oňuşmaýar. Şaxyr ýüregi ýowuz, galp, sütemxor, mesxepsiz, xileli żemgyete sygmaýar. Ol żemgyete atanak çekip, başga bir dünýäniň, başga bir adalatyň, deňligiň bar, sütemiň ýok, sredanyň arzuwynda ýaşaýar. Romantizm we realizm edebiýatyň iki sany edebi ugrudyr. Bu iki stil` ynsan duygusy, xasieti we onuň, durmuşy bilen iş salyşýar. Iki stiliňem göreşiniň axyrky maksady bir: ol xem adalatly, deňlikli durmuşy gazanmak. Şol bir ideýalar iki stiliň ikisinde-de teswirlenip bilýär. Çünki olaryň iş salyşýan ob`ekti bir — durmuş we ondaky adam.

Romantizmde şaxyra obraz döretmekde material bolup xyzmat edyan natura zexiniň anynda sintezlenýär. Ondaky ýaramaz xäsietler aýrylyp taşlanýar. Oňa romantigiň fantaziýasy, arzuw-islegi, umydy, utopiyasy girýär. Netiżede, ol reallyk xäsietini ýitirýär. Reallygyny ýitirip, asyl bolşuny uýtgeden gaxrymandan tipiklik agtarżak bolmaklygyň özi xatadyr.

Mollanepesiň poeziýasynyň gymmaty ynsan duýgularynyň żümmüşine aralaşyp bilyanligindedir. Onuň diýseň arzuwçyllygyndadyr. Naziklik xem tamizlik, gozellik xem żoşgunlylyk Mollanepesiň poeziýasynyň süňňüne ornapdyr. Çünki şaxyryň eeren edebi dörediżilik stili romantizmdir. Ol bolsa gözbaşyny orta asyr gazalçylyk edebiyatyndan alyp gaydyar.

## 1.Orta asyr romantizminde şaxyrana pikir.

Orta asyrlarda Gündogarda romantizmiň-romantiki ideýaly edebiýatyň bolandygy żedelsizdir. R.Ritter bilen Ýa.Ripka Nyzamynyň «Xaftpeýker» eserini neşire taýýarlap, ony «romantiki epos» xasaplapdyrlar. E.E.Bertel`s bolsa Faxreddin Gürgeniň «Wis we Romin» dessanyny, Nyzamynyň «Xamsasyna» girýän äxli eserlerini, şonuň ýaly-da X-XV asyr özbek şaxyry Dürbegiň «Ýasup we Zuleyxa» dessanyny we orta asyrlarda dörän başga-da liriki eserleri romantiki sungat eseri xasaplapdyr.[6] Gundogar edebiyatyny yorite owrenen alymlaryň ene biri A.A.Semenowdyr. Ol Nowaýynyň «Perxat we Şirin» dessanyna romantiki poema xokmunde baxa kesyar. Zexinli

[6] Бу маглуматлар А.Хайытметовың өңде гөркезилен китабындан алынды. 201 сах.

edebiýatçy Ýaşar Karaew «Azerbaýżan realizminiň etaplary» atly kitabynda orta asyrlarda Gundogar edebiyatynda romantizmiň esasy edebi ýa-da döredižilik usul bolandygyny aydyp, gymmatly maglumatlar beryar. Ozbek alymy A.Xayitmetow X-XV asyr Gundogar klassyk edebiyatynda yorite ylmy barlaglar gecirip, bu döwürleriň edebi stiliniň romantizmdigini delillendirmegi başarypdyr.[7]

Eýsem, Mollanepesiň edebi mirasyna däp bolup ornan bu edebiýat näxili taryxy-sotsial şertlerde döräpdir. Şeýle uzak döwürde edebi protsesde agalyk eden stile— romantizme näxili alamatlar maxsus? Onuň ideýa-cepercilik kontseptsiyasy naxili? Onuň uly wekilleri kimler?

X-XV asyrlar Gundogar edebiyatynda romantizmiň «altyn asyry» xökmünde taryxa girdi. Çünki bu döwürde romantiki ideýaly edebiýat we şol edebiýatyň teoriýasyna degişli pikirler ösdi.

Feodal gurluşly żemgyetiň ýowuzlaşmagy çeper aňda romantizme bolan meýli oýarýar. Sebäbi intellektual pikirli zexin adalatsyz durmuş bilen oňuşmaýar. Şona görä-de orta asyrlaryň Nyzamy, Nowaýy, Fizuly, Ferdöwsi yaly klassyklary oz ideallaryny köňüller dünýäsinden agtarypdyrlar. Edebiyatcy alym N.A.Gulyaew: «Romantikler oz ideal gozlegleri bilen ya-xa taryxy geçmişe yuzlenipdirler ya-da durmuşyň xaýsam bolsa bir tarapyny ideallaşdyrypdyrlar»[8] dien pursatynda oran mamladyr. Cunki taryxyň gatyna gitmek ýa-da ideallaşdyrmaklyk zexiniň dowam edýän gurluşa bolan närazylygy bilen şertlenýär. Orta asyr gazalçylyk edebiýatynyň ideal agtaryşlary munuň anyk mysalydyr. Şoňa görä, A.Xaýitmetowyň «Gundogar edebiyatyndaky romantika Nyzamy, Zamy, Xafyz, Nowaýy, Fizuly.... ýaly akabalaryň döredižiligi bilen cundan baglydyr» diyip bellemegi adalatlydyr.

X-XV asyr Gundogar edebi protsesinde romantiki edebiýat bilen bir xatarda şygyr teoriyasy, xas dogrusy doredižilik stili xakyndaky pikir ösüp başlaýar. Eýran edebiýatçysy Zarrin Kubuň maglumatyna görä, bu teoriýa yslam dininden xas öň Arabystanda döräpdir. Biziň, pikirimizçe, Eýran edebiýatçysynyň bu maglumaty xakykata golaydyr. Sebabi bizde bar bolan maglumatlara gora, S.L.Kaganowic xem

[7] А.Хайтметов. Гөркезилен китап.
[8] Гуляев Н.А. О реализме в романтизме // Вопросы романтизма. М.Высш школа, 1974. 71 сах.

romantizmiň ilki arap yartlarynda dorandigi xakyndaky pikiri orta atyar. Onsoňam, orta asyrlarda «Şygryň ýagşysy ýalanydyr» dien kontseptsiýanyn rowaç alandygyny aýtmak gerek. Ikinżi bir garaýyş «Şygryň xaýsy biri xakykaty şöxlelendirýän bolsa, şol xem ýagşy şygyr» dien kontseptsiýa bolup, ol şaxyrlar köpçüligi tarapyndan oncakly goldanylmandyr.[9] Gazalcylyk edebiýatynyň Beruny, Rudaky, Žamy, Nyzamy, Nowaýy ýaly ägirtleri bu babatda öz garaýyşlaryny malim edipdirler. Mollanepesiň edebi mekdebiniň sütünini xasyl edýän klassyklaryň edebi stil` we oz döredižilikleri xakyndaky pikirlerini bilmek edebiýatymyzy öwreniş ylmy ucin oran baxbitlidir. Sebäbi olaryň bu babatdaky pikirleri romantizm xem-de realizm xakyndadyr.

Orta asyr edebiýatymyzyň döwürleýin stiliniň romantizmdigi xakynda gürrüň edenimizde, kanunalayyk sorag yuze cykyar. Eysem, orta asyr edebiyatynda real durmuşy wakalary özlüginde suratlandyrýan, real pikirlenýän şaxsyetler bolmandyrmy? Bu elbetde çylşyrymly teoretiki meseledir. Xic bir romantiki edebiyaty realizmsiz owrenmek mumkin dal. Cunki bu iki stil` biri- biri bilen aýrylyşmaz baglanyşyklydyr. Iki edebi stilem durmuş we ynsan duýgusy bilen iş salyşýar. Şol bir çeperçilik serişdeleriniň, şygyr kompozitsiýasynyň we texnikasynyň, liriki detallaryň iki stilde xem ulanylmagy mumkin. Mesele eserdäki ideýanyň xaýsy dunýägaraýşa baglanandygy bilen kesgitlenýär. Realistik we romantik gaxrymanyň aratapawudy-da şu dunýägaraýyş bilen şertlenýär. Orta asyr edebiýatynda şaxyrana zexinler döredižilikde arzuw-isleglerine, xyyaly zatlara — utopiya yykgyn edipdirler. Şol bir wagtyn özünde teswirleýän ideyalaryny taryxy-sotsial durmuş bilen baglapdyrlar. Muny Nowaýynyň we Nyzamynyň lirikasy we olaryň «Xamsasynda» beýan edilýän ideyalar bilen delillendirmek bolar. Xak-naxak, rexim-şepagat, eżize kömek etmek, adalatly bolmak xem yşk orta asyr edebiýatynyň iň bir çuňdan işlän temalarydyr.

Nyzamy, Fizuly, Nowayy, Xafyz, Atayy yaly şaxyrlaryň döredižilik stiliniň romantizm diýlip atlandyrylmagynyň düýp sebäbi, olar feodal zulumly żemgyet bilen

[9] Хайытметов А. Гөркезилен китап. 201 сах, 56 сах.

oňuşmadylar. Köňül äleminde ażaýyp durmuşa berlip, ynsan ruxunyň gozelligini wasplapdyrlar. Real durmuşdan daşlaşyp, döredіżilikde ideal ideýalaryň gozeleginde boldular. Xut şonuň uçinem olaryň dörediżiliginde realizme garanda romantika agdyklyk edyar.

## 2.Milli romantizmiň başlangyży we özboluşly taraplary.

Türkmen klassyky edebiýatynda Mollanepesiň ýaşaýan döwründen bir asyr öň stil` öwrülişikleriniň başy başlandy. Orta asyrçylyk romantiki ideyaly edebiyat ta XVII asyra cenli dowam etdi. Nurmuxammet Andalyp orta asyrcylyk edebiýatynyň iň soňky uly wekili boldy. Şaxyryň dörediżiliginde bu edebiýatyň xamsaçylyk däbi-de orun tutup etişdi. Ýöne xamsaçylyk däp Andalypda azda-kande forma taydan ozgermeli boldy. Şaxyryň «Xamsasyna» girýän eserler orta asyr edebiýatynyň diňe poema żanrynda dal-de, liro-epik dessan żanrynda xem ýazylypdy.

XVIII asyryň edebi protsesi täze talaplary orta goýdy. Maňgyşlakdan agyr xasrat cekip gelen xalk ozune layyk er-ýart saýlap erleşipdi. Asyryň başlarynda oturymlylyk endiganlaşypdy. Emma żemgyetde sotsial oňşuksyzlyk ýitileşdi. Türkmen xanlarynyň, arasynda özara dawalar adaty zatlara öwrülip barýardy. Xalkyň gün-güzerany, oňşugy günsaýyn kynlaşýardy. Ustesine, Eýran xem-de Xywa agressiyalary xarby problemany xas-da gyżyndyrdy. Asyryň şu taryxy-sotsial wakalary edebi protsesin üýtgemegine, stil` «döwlüşigine» getirdi. Žemgyetiň özünde bişen ideýalary açmak gerekdi. Agzybirlik, birleşmek, döwlet gurmak, Eýran we Xywa baknalygyndan azat bolmak, alamany yatyrmak gunubirin cozulmeli meselelerdi. Ine şu meseleleri öz içine alýan ideýalary açyp bilýän akyldarlar gerekdi. Ol akyldarlar turkmenleriň göklen urugyndan Döwletmämmet-Azady axunyň ogly Magtymguly boldy.

Magtymguly orta asyr romantiki edebiýatyndan, gazal żanryndan daşlaşdy. Sebäbi bu edebiýatda döwrüň problemalaryny açmak mümkin däldi. Uzak wagtlap ýörgünli bolan gazal żanrynda döwrüň ideýalaryny bermek mumkin däldi. Gazal żanry düşnüksiz aruz ölçegindedi. Onsoňam, onuň ideýalary galyplaşandy, belli bir forma girendi. Ene bir sebäp gazalyň kwantatiw ölçeg birligi aglýanatiw xäsietli

türkmen diline laýyk gelmeýärdi. Ikinżiden, XVIII asyrda turki dilli poeziya parsy poeziyanyn elinden eýýem liderligi alypdy. Gazal żanry bolsa şaxyra erkinlik bermeyardi.

Gazal orta asyr edebiýatynyň iň bir ýörgünli şygyr żanrydyr. Edebiýatçy G.Sediwerow «Andalybyň epiki eserlerinde gazalyň käbir aýratynlyklary» atly makalasynda onun VI-VH asyrlarda arap edebiyatynda dorandigi xakynda maglumat beryar.[10]

Edebi protsesde ideyalary acar yaly forma gerekdi. Ol forma A.Bekmyradowyň çuňdan öwrenen goşuk formasy boldy. Bu formanyň döreýiş taryxynyň gaty aňyrlardan gaydyandygyny-da aytmak gerek.

Magtymguly Türkmeniň xäsietini xalkyň gündelik durmuşyndaky konfliktlere salyp, ony milli edebi forma öwürdi. Şeýlelikde, turkmen klassyky edebiyatyna milli ideyalar, milli pikirler we milli gaxryman geldi. Muňa Magtymgulynyň milli realistik stili diylip edebiyatymyzy öwreniş ylmy baxa berdi.

Xakykatyň xatyrasyna bir zady belläsimiz gelýär. Biz Magtymgulynyň edebi yorelgesini, stilini realistik xasaplan-da bolsak, ol örän şertlidir. Magtymguly milli poeziýamyzyň taryxynda ilkinżi gezek liriki gaxrymanyny sotsial problemalary bilen çaknyşdyrdy. Onuň gaxrymanynyň bu xäsieti şaxyryň realistik zexin xökmünde baxalanmagyna sebap boldy. Emma, «Magtymguly birden uc-dort sany cepercilik sistemanyň çaknyşygynda ýaşan şaxyrdyr. Şaxyryň gaxrymanynyň xäsietindäki çylşyrymlylyk xem xut şu erden gelip çykýar. Şaxyryň ýaşan döwri poetiki gezlegleriň zamanasy bolup, onda orta asyr romantiki stili xem /Andalyp/, ylmy-mistiki akym xem /Azady, Gaýyby/ dini klerikal stil` xem /äxli şaxyrda bar, M.A./ etiki fol`klorçylyk stil` xem /Şabende, Magrupy/ bütewilikde bir protsesiň içinde dowam edýär.

XIX asyryň başlarynda Mary regionynda taze sotsial situatsiya doredi. Feodal żemgyetiniň galplaşmagy, onuň wagşyýana xäsieti edebi protsesimizde stil` döwülmelerine, öwrülişigine getirdi. Edebiyata ene-de orta asyr romantiki edebiýatynyň talaplary gaýdyp geldi. Milli romantizmiň döremeginiň taryxy-sotsial

---

[10] Седиверов Г. Андалыбың эпики эсерлеринде газалың кәбир айратынлыклары./ ТЫА-ның хабарлары, 1992, №4, 65 сах

şertleri doly bişişdi. Gündogarda on dört asyrlap dowam eden romantiki edebiýatynyň dapleri Keminedir Mollanepese ideal dunyaniň gapysyny açdy.

Çeper aňda romantizme meýli oýaran sotsial xadysa özara oňşuksyzlyk we Eýran, Xywa, Buxara agressiyalary boldy.

Mollanepesiň edebi zexininiň taplanmagynda Mary-Teżen-Saragt ucburclugyndaky teke, saryk, salyr oňşuksyzlygynyň täsiri bar. Şaxyry romantik xokmunde orta çykaran xalkyň şu uly taryxy ganly wakalara, göçxä-göçlüge, eżize ganymlyga, açlyga xem ýowuzlyga gabat gelen durmuşydy.

Axal tarapdan süýşüp gelýän türkmen tireleri Teżen xem Murgap derýalarynyň oazisinde oturym er agtardylar. Axal däne gytçylygyny çekdi. Şonuň üçin tekeleriň bir bolegi kem-kemden Axaldan Teżene, Mary töweregine süýşmeli boldular. Oturymly er agtarylmagynyň sebäbiniň däne gytcylygy bolandygyny ayratyn nygtayarys. Bu ceper aňda, fol`klorda öz beýanyny tapdy.

Axal ili oturmaga xoş gala,
Emma welin nan etmeýär maşgala.

Şeýlelikde, XIX asyrda gadymy Maru-Şaxu-Žaxan goňşy üç feodal döwletiň arasynda paýlaşylýardy. Bu er Eýran şalygynyň, Buxara emirliginiň we Xywa xanlygynyň talaňçylykly çozuşlary geçirýän meýdanyna öwrülipdi. Patyşa Russiýanyň Orta Aziyany oz rayatyna owurmek matlabyny Eýranyň, öňünden aňmagy regionda ýykgynçylykly ýörişleri ýygy-yygydan gecirmage itergi beryardi. Etrapda aclyk, zulum, suytxorluk, gocxa-göçlük başlanýar. Garaz, Mollanepesiň ýaşan żemgyetinde paraxat durmuş ýokdy. Ilat çozuşlardan xem içki özara uruşlardan bez bolupdy, xalys surnugypdy. Žemgyetde etimler, dullar köpelýärdi. Bu xadysa Keminäniň özakymlaýyn realizminiň baş temalarynyň biridi.

Kemine diyr, nesixatym dullara,
Tizräk bir äre baran ýagşydyr.

Sredadaky sotsial-taryxy ýagdaý birleşmek, agzybir il bolmak ideyasyny orta goýapdy. Daşarky duşmanlardan goranmak zerurlygy turkmen tire-taypalarynda «bir dowlete gulluk etmek» meylini oýardy. Bu meýil eýýäm garaşylýan netiżelerem berip ugrapdy. 1855-nż.i ýylda Maryda Xywa xany Mädeminiň goşunynyň kül-peyekun edilmegi, 1858-62-nżi ýyllarda bolan Eýran gażar urşundaky uly eňişler birleşmek, döwlet bolmak ideýalarynyň çugdam miwesidi.

# II BAP ROMANTIKI LIRIKADA XASIET PROBLEMASY WE MOLLANEPESDE MILLILIK

Soygi edebiyatiň gadymy xem baky temalarynyn biri bolup, ol exli xalklaryts lirikasynyn esasydyr. Cunki lirika adamyts duygusy bilen iş salyşýar. In nezik, gezel, temiz xem mukaddes duygy-ynsan seygusidir. Klassyk edebiyatymyzda milli poeziýamyzyn ażaýyp şaxyry Mollanepes swýgi lirikasynyd ussadydyr.

XIX asyrda ýaşap geçen Mollanepesin dwrediżiliginin agramly bwlegi ynsanyn mukaddes duýgusy swýge bagyşlanypdyr. Ol bu ugurdan ussatlyga eten romantiki şaxyr. Onun «Istep ki gwzel ýary», «Diýdi: «Aýt arzyn, myxman», «Wari gel», «Gezelim», «Dilber», «Gulden uyalar», «Oýatmad`sh nezli ýar» ýaly onlarça goşgusy milli poeziýamyzyn wzboluşly, mydam acylyp duran şygyr bossanydyr. Klassyk edebiyatymyzda zenan kalbyna we swýge çundan aralzşmagy başaran yşgyn şaxyry Mollanepesin edebi mirasy, şaxyrana estetiki idealy, şygyr tilsimleri, romantiki obrazy açyş terleri, ideal gaxrymanlarynyn ideal gwreşlern xakynda gurrun etmek derwayysdyr.

Şaxyryn seýgi kontseptsiýasynyn romantiki deplerde acylyandygy we onun şygyrlarynyn milli ewuşgini xakynda gurrun etmek Mollanepesin edebi mirasyn`sh ewrenilişinde teze saxypa bolar. Xut seýgunin usti bilen durmuşy açmagy ze onun ýowuzlyklaryna garşy gereşde konul eleminde ideal żemgyeti gurup, ideal gaxrymanlary deretmegi başaran zexinin poxim-payxasynyn, duygy- duşunżesinin, çeper anynyk orta asyr kitaby romantikadan suwlanandygyny we dewre layyk Milli koloritdedigini ewrenmek şu gunki edebiýaty öreniş ylmymyzyň çözmeli meselesidir ylayta-da Mollanepesiň döediżiligindäki xas takygy romantiki poeziýasyndaky realistik elementler, romantizm- realizm baglanyşygy xakdaky mesele problemalayyn xesiete eedir. Mollanepesin romantiki poeziýasynyn şu çylşyrymly tarapynda ylmy barlaglaryn gecirilmegi romantizmin teoriyasy xakyndaky pikirlerin teze tapgyrynyn deremeginin-de sebep bolyandygyny aytmak gerek. Ende gurrun eden kitaby romantizm bilen baglanşykly fol`klorcylyk romantizmi duşunżesini

işde termin xekmunde ilkinżi gezek ulandyk. turkmen edebiyaty ewreniş ylmymyzda romantizm-realizm baglanşygy klassyk şaxyrlarmyz`sh mysalynda wwrenilmege metec bolup, onuts teoretik taraplaryny selżermek zerur.

Umuman, bu bapda Mollanepesin, söýgi lirikasyna romantizmiň ýüze çykyş formasy xekmunde garap geçeris. Şaxyryn ideal gaxrymanlarynyn milli xesieti, olaryn romantiki deplerde açylşy, Molllanepesin seýgini we gyzy simwoliki dereże getermeginin sebzpleri we onun sotsial mazmunlary xakynda durarys. Sufistik edebiyatyn Molllanepese eden tesiri barasynda gurrun ederis.

### 1. Soygi-romantizmiň ýüze çykmasy xökmünde

«Yşk mulkunin şasy» Mollanepes dine bir milli pozziýamyzda dal, eýsem Gundogarda seygi temasyny işlemegin, bu ugrundan çun lirizme yagurlan şygyrlary dwretmegkn ażaýyp nusgasymy berdi. Bu tema ynsamyiyn in mukaddes duygusyia bagyşlanan bolup, ol Gundogar çeper an`şda gaty irki dewurlerden beri işlenilip gelindi. «Seýgi temasy edebiyatyn in kwp we xer taraplayyn işlenilen meselelerinin biri bolup, xatda liriki eserin temasy bolupdyr diýsek ýalnyşdygymyz bolmasa gerek. Cunki liriki eserin ob`ekti duygy bolup, adamyn in gezel, iezik axwalaty-duygusy seygudir».[116]

Ewropa orientalistlerinin Gundogar edebiýatyny ewrenmekde uly işlerin xetdesinden gelendiklerini bilyeris. Yene olar iebsimiz agyrsa-da, kebir xalatlarda Gundogar poeziyasynyn we edebi-żemgyetçilik anyn belli-belli problemalara bolan garaýyşlaryny kesgitlemekde ete geçdiler. Xae dogrusy, Gundogar ceper akyny yza galaklykda ayypladylar. Bu Gundogaryn mukaddes seyge bolan garaýyşy babatda xem şeýle boldy. Belli rus tankytçysy W.G.Belinskinin «Swýgi Gundogarda deslapky gelip çykyş xesietinde xemişelik galdy. Swygi ol erde elmydama tebigylyk we duygurlyk xesietinde bolan bir ż.ynsyn beýleki bir ż.ynsa ymtylmasy xwkmunde yuze çykyp geldi we xeniz şu terde ýuze çyşas`şy dowam etdirýer»"[7] diyip, bellemegi bilen ylalaşmaýarms. Alymyn bu gşkirini Gundogar klassyk poeziýasy tassyklamayar. Xut ewrenyen ob`ektimiz Mollanepesin lyrikasy bolsa gaytam, W. G. Beliyskinin bu pikirinin tersinedir. Onun bu pikiri asyrlar boyy swygi temasyny işlep

gelyen Gundogar edebi protsesini kemsitmekden başga zat dal diýip duşunýzris. Edebiýat durmuş`sh aýnasy bolýai xem bolsa, ony bir gyrada goýap real durmuşa dolananymyzda xem bu pikir xakykatdan çapraz duşýer. Gundogar xalklarnyn bir şaxasy bolan turkmen xalkyida swýgusiz gurulýan maşgalalar başga xalklarda bolşy kimin bizde xem bar. Seýgi bolsa aşyk bilen magşugyn wysala gowuşýança pursady bolman, maşgala emele getirýen iki żuwanyk emurlik xemraeydyr, Eger soýgi bolmasa maşgalanyts dargamagy mumkin. Bu bir, ikinżiden, xaýsy turkmen ez maşgalasyny, aýalyny seýmeýer, xaýsy gundogarly, turkmen ez maşgalasynyn namysy uçin gereşmendir, ony eklep-saklamak uçin zexmet çekmendir?! Diýżek bolýan zadymyz, seýgi Gundogarda sotsial durmuşy meseleler bilen baglanşykly bolup, ditse bir żynsy isleg manysynda deldir. Edebi pikire dolansak, Gundogar edebiýatynyn bir şaxasy bolan turkmen edebiyatynda Mollanepes seyguni xer taraplaýyn çundan işlep, ony simwoliki dereże geterdi. Seýgunin usti bilen tutuş żemgyetin sotsial problemalaryny-durmuşy açdy. Xut şunun uçin Mollanepesin deredižiliginde seýgi temanyn çygyryndan xae uludyr. Ol tutuş kontseptsiýadyr. Eýsem, şeýle edebi pikirlenmesi bolan xalk seýge ditse bir żynsy isleg manysynda garap bilermi? Elbetde, yok!

